Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2025-nji ýylyň «29» maýynda
1879 bellige alyş belgisi bilen
döwlet belligine alyndy

"Sport çärelerini, şol sanda okuw-türgenleşik ýygnanşyklaryny geçirmegiň tertibini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2025-nji ýylyň 21-nji aprelinde çykaran 169-ö belgili buýrugy

TÜRKMENISTANYŇ
BEDENTERBIÝE WE SPORT
BARADAKY DÖWLET KOMITETI

**BUÝRUK**

STATE COMMITTEE FOR
PHYSICAL CULTURE AND
SPORTS OF TURKMENISTAN

**ORDER**

«21» aprel 2025 ý.

№ 169-o

**Sport çärelerini, şol sanda okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirmegiň tertibini tassyklamak hakynda**

2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 54-nji maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda, **buýurýaryn:**

1. Sport çärelerini, şol sanda okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirmegiň tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň degişli orunbasary gözegçilik etmeli.

**Başlyk** **A.Saparow**

TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2025-nji ýylyň 21-nji aprelinde çykaran 169-o belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

**Sport çärelerini, şol sanda okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirmegiň Tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Sport çärelerini, şol sanda okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirmegiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 54-nji maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we ol sport çärelerini, şol sanda okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirmegiň umumy düzgünlerini hem-de olar bilen bagly gatnaşyklary kesgitleýär.

2. Şu Tertipde aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) sport çäreleri – sport ýaryşlary, şeýle hem türgenleşik çäreleri we türgenleri sport ýaryşlaryna taýýarlamak boýunça beýleki çäreler;

2) sport ýaryşy – sport bilen meşgullanmaga bolan islegi artdyrmak, bäsleşigiň ýeňijilerini we iň gowy gatnaşyjylaryny ýüze çykarmak, şeýle hem olary sylaglamak we höweslendirmek maksady bilen, onuň guramaçysy tarapyndan tassyklanan düzgünnamanyň (dessuryň) esasynda sportuň dürli görnüşleri boýunça türgenleriň ýa-da türgenler toparlarynyň arasynda geçirilýän bäsleşik;

3) okuw-türgenleşik ýygnanyşyklary – türgenleriň beden taýdan taýýarlygyny ýokarlandyrmak we sport ussatlygyny kämilleşdirmek, okuw-türgenleşik işiniň hilini gowulandyrmak maksady bilen geçirilýän köpgünlük depginli türgenleşik döwürleri;

4) türgenleşik çäreleri we türgenleri taýýarlamak boýunça beýleki çäreler – okuw - türgenleşik işiniň düzüm bölekleri bolan çäreler.

3. Şu Tertibiň kadalary sportuň harby-amaly we gulluk-amaly görnüşleri boýunça sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyna laýyklykda geçirilýän sport çärelerine degişli däldir.

4. Sport ýaryşlary geçirilýän derejelerine baglylykda halkara, umumydöwlet, pudaklaýyn, welaýat (Aşgabat we Arkadag şäher), etrap (şäher, Aşgabat we Arkadag

şäherlerinden başga) ýaryşlaryna (mundan beýläk – Sebit sport ýaryşlary), şeýle hem bedenterbiýe we sport guramalary tarapyndan geçirilýän ýaryşlara bölünýär.

Sport ýaryşlary sportuň aýry görnüşleri we ugurlary, sportuň birnäçe görnüşleri we ugurlary boýunça geçirilip bilner.

## II bap. Sport ýaryşlaryny geçirmek

5. Umumydöwlet sport ýaryşlary Umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyna laýyklykda, sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalar bilen ylalaşylan, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň (mundan beýläk – Komitet) çözgüdi boýunça geçirilýär.

6. Türkmenistanyň çäginde halkara sport ýaryşlary halkara sport guramalarynyň we Komitetiň çözgüdi boýunça geçirilýär. Bu ýaryşlar Umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyna girizilýär.

7. Sebit sport ýaryşlary bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň çözgüdi boýunça we sportuň görnüşleri boýunça degişli milli federasiýalar bilen ylalaşylyp, köpçülikleýin sport çäreleriniň sebit senenama meýilnamalaryna laýyklykda geçirilýär.

8. Umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyny döretmegiň tertibi Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 16-njy dekabrynda 1282 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministriniň 2019-njy ýylyň 26-njy noýabrynda çykaran 707-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Umumydöwlet we halkara sport çäreleriniň ýeke-täk senenama meýilnamasyny döretmegiň gözükdirijisine laýyklykda amala aşyrylýar.

9. Halkara sport ýaryşlary halkara sport guramalary tarapyndan işlenilip taýýarlanylýan we tassyklanylýan sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalara (dessurlara) laýyklykda geçirilýär.

10. Umumydöwlet sport ýaryşlary Komitet bilen ylalaşylyp, sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalar tarapyndan işlenilip taýýarlanylýan we tassyklanylýan sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalara (dessurlara) laýyklykda geçirilýär.

11. Sebit sport ýaryşlarynyň düzgünnamalary (dessurlary) sportuň görnüşleri boýunça degişli milli federasiýalar tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar we bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan tassyklanylýar.

12. Sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalar umumydöwlet sport ýaryşlarynyň geçirilmeli möhletiniň iň azyndan 1 (bir) aý öňünden Komitete sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalary (dessurlary) iberýärler.

Komitet tarapyndan sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalara (dessurlara) 10 iş gününiň dowamynda garalýar we onuň netijesi boýunça ylalaşmak barada çözgüt çykarylýar ýa-da olara bellikler bolan halatynda sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalar (dessurlar) 5 (bäş) iş gününiň dowamynda düzedilmegi üçin

gaýtadan seredilmäge iberilýär. Bellikler bellenilen möhletlerde düzedilen halatynda sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalar (dessurlar) Komitet tarapyndan 3 (üç) iş gününiň dowamynda ylalaşylýar.

13. Pudaklaýyn sport ýaryşlary, şol sanda ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň pudaklaýyn spartakiadalary Komitet bilen ylalaşylan, degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň çözgüdi boýunça geçirilýär.

14. Pudaklaýyn sport ýaryşlary Komitet bilen ylalaşylyp, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan işlenilip taýýarlanylýan we tassyklanylýan sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalara (dessurlara) laýyklykda geçirilýär.

15. Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary sport ýaryşlarynyň geçirilmeli möhletiniň iň azyndan 1 (bir) aý öňünden Komitete sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalary (dessurlary) iberýärler.

Komitet tarapyndan sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalara (dessurlara) 10 (on) iş gününiň dowamynda garalýar we onuň netijesi boýunça ylalaşmak barada çözgüt çykarylýar ýa-da olara bellikler bolan halatynda sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalar (dessurlar) 5 (bäş) iş gününiň dowamynda düzedilmegi üçin gaýtadan seredilmäge iberilýär. Bellikler bellenilen möhletlerde düzedilen halatynda sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalar (dessurlar) Komitet tarapyndan 3 (üç) iş gününiň dowamynda ylalaşylýar.

16. Sebit sport ýaryşlary bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň çözgüdi boýunça we sportuň görnüşleri boýunça degişli milli federasiýalar bilen ylalaşylyp, köpçülikleýin sport çäreleriniň senenama meýilnamalaryna laýyklykda geçirilýär.

17. Sebit sport ýaryşlarynyň düzgünnamalary (dessurlary) sportuň görnüşleri boýunça degişli milli federasiýalar tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar hem-de bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan tassyklanylýar.

Sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalar sport ýaryşlarynyň düzgünnamalaryny (dessurlaryny) ýaryşlarynyň geçirilmeli möhletiniň iň azyndan 20 (ýigrimi) senenama gün öňünden bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralaryna iberilýär. Bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalara (dessurlara) 5 (bäş) iş gününiň dowamynda garalýar we onuň netijesi boýunça ylalaşmak barada çözgüt çykarylýar ýa-da bellikler bolan halatynda 5 (bäş) iş gününiň dowamynda düzedilmegi üçin sport ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalar (dessurlar) sportuň görnüşleri boýunça degişli milli federasiýalara gaýtadan seredilmäge iberilýär. Bellikler bellenilen möhletlerde düzedilen halatynda sport

ýaryşlary hakyndaky düzgünnamalar (dessurlar) bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan 3 (üç) iş gününiň dowamynda tassyklanylýar.

18. Bedenterbiýe we sport guramalarynyň sport ýaryşlary ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralary, sport klublary, bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary (merkezleri), sport toplumlary (merkezleri), sport-sagaldyş merkezleri tarapyndan degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň, fiziki şahslaryň (mundan beýläk – esaslandyryjy ýuridik we fiziki şahslar) çözgüdi boýunça, olaryň köpçülikleýin sport çäreleriniň senenama meýilnamalaryna laýyklykda geçirilýär.

19. Bedenterbiýe we sport guramalarynyň sport ýaryşlarynyň düzgünnamalary (dessurlary) ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralary, sport klublary, bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary (merkezleri), sport toplumlary (merkezleri), sport-sagaldyş merkezleri tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar hem-de degişli esaslandyryjy ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan tassyklanylýar.

20. Sport ýaryşlarynyň düzgünnamasynda (dessurynda) sport ýaryşynyň ady, sport ýaryşyň geçirilýän ýeri we senesi, şol sanda gatnaşyjylaryň gelýän we gaýdýan günleri, sport ýaryşynyň guramaçylary barada maglumatlar, şeýle hem şu aşakdakylary:

1) sport ýaryşynyň maksadyny hem-de wezipelerini;

2) gatnaşýan guramalary we gatnaşyjylary;

3) ýaryşa ýüztutma bermegiň tertibi;

4) sport ýaryşynyň maksatnamasyny;

5) sport ýaryşyna eminlik etmegiň tertibini;

6) sport ýaryşynyň lukmançylyk-sanitariýa we antidoping üpjünçiligini;

7) sport ýaryşynyň ýeňijilerini we baýrakçylaryny sylaglamagyň tertibini;

8) sport ýaryşynda şikaýatlary bermegiň we olara seretmegiň tertibini;

9) maliýeleşdirmegiň şertlerini;

10) howpsuzlyk kadalaryny we talaplaryny;

11) sport ýaryşyny geçirmek we oňa gatnaşmak bilen bagly gatnaşyklary düzgünleşdirýän, şol sanda sport ýaryşlaryny guraýjylaryň arasynda hukuklaryň we borçlaryň paýlanylmagyny göz öňünde tutýan beýleki bölümler bolmalydyr.

21. Sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalar Umumydöwlet sport ýaryşlarynyň düzgünnamasyna (dessuryna) üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplerini sport ýaryşlary başlanmazyndan iň azyndan 25 (ýigrimi bäş) senenama gün öňünden Komitete iberýärler.

Komitet tarapyndan sport ýaryşlarynyň düzgünnamasyna (dessuryna) üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplere şu Tertibe laýyklykda seredilýär.

22. Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary sport ýaryşlarynyň düzgünnamasyna (dessuryna) üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplerini sport ýaryşlary başlanmazyndan iň azyndan 25 (ýigrimi bäş) senenama gün öňünden Komitete iberýärler.

Komitet tarapyndan sport ýaryşlarynyň düzgünnamasyna (dessuryna) üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplere şu Tertibe laýyklykda seredilýär.

23. Sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalar Sebit sport ýaryşlarynyň düzgünnamasyna (dessuryna) üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplerini sport ýaryşlary başlanmazyndan iň azyndan 30 senenama gün öňünden bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralaryna iberýärler.

Bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan sport ýaryşlarynyň düzgünnamasyna (dessuryna) üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplere şu Tertibe laýyklykda seredilýär.

24. Bedenterbiýe we sport guramalary sport ýaryşlarynyň düzgünnamalaryna (dessurlary) üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplerini degişli esaslandyryjy ýuridik we fiziki şahslaryň garamagyna hödürleýärler. Esaslandyryjy ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan sport ýaryşlarynyň düzgünnamasyna (dessuryna) üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek baradaky tekliplere şu Tertibe laýyklykda seredilýär.

25. Sport ýaryşynyň guramaçylary tarapyndan eminler toparynyň düzümi tassyklanylýar (bellenilýär). Eminler topary şulary üpjün edýär:

1) sport ýaryşlaryna eminlik etmegi;

2) sport ýaryşynyň düzgünnamasyna (dessuryna) we sport ýaryşlarynyň düzgünlerinde laýyklykda türgenleri sport ýaryşlaryna goýbermegi;

3) sport ýaryşlarynyň teswirnamalaryny resmileşdirmegi;

4) sport ýaryşlarynyň jemlerini jemlemek we olaryň geçirilmegi boýunça hasabat resminamalaryny taýýarlamagy;

5) sport ýaryşlaryna eminlik etmek bilen baglanyşykly sport ýaryşlarynyň guramaçylary tarapyndan bellenen beýleki wezipeleri ýerine ýetirmegi.

26. Eminler topary sport ýaryşynyň teswirnamasyny we sport ýaryşynyň geçirilendigi baradaky hasabaty 7 (ýedi) senenama gününiň dowamynda ýaryşyň guramaçylaryna berýär.

27. Sport boýunça eminler borçlaryny ýerine ýetirmedik ýa-da talabalaýyk ýerine ýetirmedik halatlarynda sport guramaçysy tarapyndan sport ýaryşyna eminlik etmekden çetleşdirilip bilnerler.

## III bap. Okuw-türgenleşik ýygnanyşyklary

28. Sport ýaryşlaryna taýýarlyk görmek maksady bilen, okuw-türgenleşik ýygnanyşyklarynyň geçirilmegi, şol sanda olaryň taýýarlygynyň sany, möhletleri we dowamlylygy bedenterbiýe we sport guramalary, şol sanda şu aşakdakylar tarapyndan kesgitlenilýär:

1) halkara we umumydöwlet sport ýaryşlaryny - sportuň görnüşi boýunça milli federasiýalar we Komitet;

2) pudaklaýyn sport ýaryşlaryny - ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary we Komitet;

3) Sebit sport ýaryşlaryny - sportuň görnüşi boýunça milli federasiýalar hem-de bedenterbiýe we sport babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary.

29. Okuw-türgenleşik ýygnanyşyklarynyň dowamlylygy Komitet tarapyndan tassyklanylýan Sport çäreleriniň görnüşleriniň sanawynda we olaryň klassifikasiýasynda bellenen möhletlerden köp bolmaly däldir.

30. Okuw-türgenleşik ýygnanyşyklary senenama meýilnamalaryna laýyklykda geçirilýär.

31. Şu Tertibiň ýigrimi sekizinji bölegine laýyklykda okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirýän edaralar:

1) nazary we tejribe sapaklarynyň, terbiýeçilik işleriniň meýilnamasyny, türgenleri taýýarlamagyň şahsy meýilnamasyny, şeýle hem okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirmek bilen baglanyşykly beýleki işleriň meýilnamalaryny tassyklaýarlar;

2) okuw-türgenleşik işiniň hiline, türgenleriň tehniki we taktiki ussatlygynyň kämilleşdirilişine, terbiýeçilik işleriniň guralyşyna, tertip-düzgüne, peýdalanylýan emlägiň (sport desgalary, enjamlary we esbaplary) aýawly saklanylmagyna gözegçilik edýärler;

3) tälimçiler, lukmanlar we zerur bolan kömekçi işgärler bilen üpjün edýärler;

4) okuw-türgenleşik ýygnanyşyklarynyň talabalaýyk sport desgalarynda geçirilmegini üpjün edýärler;

5) zerur bolan sport öwseleleri, serişdeleri we enjamlary bilen üpjün edýärler;

6) sanitariýa kadalarynyň, ýangyn howpsuzlygy we tehniki howpsuzlyk talaplarynyň berjaý edilmegini, okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşýan türgenleriň howpsuzlygyny üpjün edýärler.

32. Okuw-türgenleşik ýygnanyşyklarynyň geçirilendigi baradaky hasabaty 7 (ýedi) senenama gününiň dowamynda sapara iberýän ýa-da ony guraýan edara (gurama) berilýär.

33. Sport çäreleri, şol sanda okuw-türgenleşik ýygnanyşyklary geçirileninde ýangyn howpsuzlygy, tehniki we beýleki howpsuzlyk talaplary Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 10-njy sentýabrynda 1252 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministriniň 2019-njy ýylyň 15-nji awgustynda çykaran 467-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Bedenterbiýe we sport çäreleri geçirilende berjaý edilmeli howpsuzlyk kadalaryna laýyklykda berjaý edilýär.

34. Sport çäreleriniň görnüşleriniň sanawy we olaryň klassifikasiýasy Komitet tarapyndan tassyklanylýar.